# Oýlandyryjy pähimler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oýlandyryjy pähimler

OÝLANDYRYJY PÄHIMLER

1. Ýoluň egriliginden gorkma, päliň egriliginden gork.

2. Ol ýoluna näler seretjekdi, arman garny oňa basjak ýerini görkezmedi.

3. Wezipesi ulaldygyça,adamyň halkyna hyzmat etmek mümkinçiligi köpelýär. A käte nähili bolýar? Onuň wezipesi beýgeldigiçe ,halkyň oňa hyzmat etmek aladasy köpelýär.

4. Göroglyny gowy görýänim hakykat. Ýöne ony öwjek bolsam… Bezirgen ýadyma düşýär.

5. Käte käbir adamlara " Ol mert,zor,nähili ýagdaýa düşse-de olaryň bir gezegem aglanyny gören ýok "– diýýärler.
Megerem olar aglamaýandyklary üçin däl-de, aglaýandygyny bildirmeýändikleri üçin zordurlar.

6 . Sen meni bagyşla,Eşek! Käbir deýýus adamlary saňa meňzedip men seniň mertebäňi peseldýärin.

7. Şalaryň halyna ýüregim awaýar. Şadyklaryna aşa gümra bolup,olar adamdyklaryny ýatdan çykarýarlar.

8. Hapa ýere kän barsaň,burnyň hem hapa öwrenişýär.

9. Iller "sen,sen" diýýän bolsa,saňa "men,men" diýmegiň geregi ýok.

10. Sen il üçin ýaşabilseň,il seiň üçin ýaşabiler.

11. Goýunlar şeýle bir ýuwaş,şonuň üçinem süriň başyny geçi çekýär.

12. Bilbile iň gözel gül gerek.Ara welin ballyja.

Çerkez BAÝLYÝEW.

Sözler